# UNUDARSYŇ

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
UNUDARSYŇ UNUDARSYŇ

Ol günlerem geler meni,
Unudarsyň , Mähribanym.
Undusyň deý sönen şemi,
Unudarsyň , Mähribanym.

Kimler üçin bu bir kada,
Dil ujundan berler wada,
Galmasam-da ýaman ada,
Unudarsyň , Mähribanym.

Düşüp ýörülmän oda kän,
Kaýyl bolunýar zada kän,
Ýa-da bir gezip ýörýärkäň ,
Unudarsyň , Mähribanym.

Akmasa üýtgeýär suw-da,
Günä bolmaz akja guwda,
Ýaşatmarsyň arzuwda-da,
Unudarsyň , Mähribanym.

Bir-birekden durmadyk kem,
Söýgüde-de bolýarmy çen,
Umutjagňy görseň-de geň,
Unudarsyň, Mähribanym. Goşgular